# Stambulda eýranlylar bilen Eýran-ABŞ futbol duşuşygyna tomaşa etmek…

Category: Kitapcy,Psihologiýa,Sözler,Sport we turizm
написано kitapcy | 25 января, 2025

Stambulda eýranlylar bilen Eýran-ABŞ futbol duşuşygyna tomaşa etmek… STAMBULDA EÝRANLYLAR BILEN EÝRAN-ABŞ FUTBOL DUŞUŞYGYNA TOMAŞA ETMEK…




*Häzir dowam edip duran dünýä çempionatynyň Eýran-ABŞ futbol duşuşygyna eýranlylar bilen bilelikde tomaşa etdik. Olaryň arasynda biriniň aýdýan sözi oppozisionerlerdäki emosional bulaşyklygy görkezýärdi: «Eýranyň utmagyny islämok, ýöne utulmagyny-da islämok. Oýun deňe-deň gutarsyn we Eýran indiki tapgyra çyksyn!»*

Eýran bilen ABŞ 25 ýyldan soň bir futbol duşuşygynda garşylaşýar. Bu oýna eýranlylar bilen bilelikde tomaşa etmek üçin Feriköýüň aşakky bölegindäki kiçijik dynç alyş merkezine gitdim.*

Baran ýerim Stambulyň ugursyz çet raýonlarynyň biri. Metrobusdan düşenden soň gijäniň garaňkylygynda 20 minut dagy pyýada ýöräp, barmaly ýerime bardym.

«Green Cafe» duşenbe gününden başga her gün sagat 12:00-dan 00:00-a çenli açyk. Menýusynda ýazylgydygyna garamazdan eýran naharlaryny iýip biljekdigiňize ynamym ýok. Pyýada gitjek

bolsaňyz, metrobusdan «Okmeýdany hassahanasy» («Okmeydanı Hastane») duralgasyna düşenden soň «Feriköý» gonamçylygyja tarap ýol ýöremeli.
Daşardan seredende eýran garbanyşhanasyna meňzäbem duranok. Içeri girenimde 55-60 adamlyk toparyň oýunyň başlamagyna bir sagat galanda göze gelimlije dükany doldurandygyny gördüm.



Azyndan on bäş sany dagy aýal-gyz bardy we diňe biriniň kellesi başýapynjalydy. Stolyň üsti dürli içgilerden we pizzalardan doludy, özara gürrüňler başlapdy… 30 ýaşlaryndaky bir ýigit telefonymda içerini surata alýanymy görüp, uzakdan parsça gygyrdy we ýanyndakylary güldürdi.
Parsça bilmeýänimi aýdanymda, ol aksentsiz türkçesi bilen ýaňky aýdan degişmesini terjime etdi:
– Ýaňky düşürenleriňi Eýrana ugratmarsyň-a?
Degişme bir ýana, örän gowy adamlaryň arasyna gelendigimi aýdyp biljek. Käbir eýranlylar surata düşmekden gaça durdular, emma bu olaryň gorkýandygy üçin däl-de, ätiýaçlygy elden bermezlik üçindi…
Biraz wagtdan soň futbol duşuşygyna bilelikde tomaşa etmek üçin öňden gürleşenimiz Mehtap ýanymyza geldi.
Onuň Stambula gelenine ýaňy üç ýyl bolanam bolsa, türkçe gowy bilýär. Ol türkçe öwrenmegiň kyn düşmändigini aýtdy:
– Tähranda türk tanyşlarym bardy. Türk medeniýetine öwrenişmek maňa kyn düşmedi.
Mehtap futbola gyzyganok, ol bu gije bäri diňe wagtyny geçirmäge geldi, elbetde, gijäniň soňunda Eýranyň utuljagyndan bihabar.
Hernäme-de bolsa, wagty gowy geçendir, sebäbi şu gün bärde her kim bir pikirde…

Eýran bilen ABŞ-nyň arasyndaky meseleler hemmelere mälim. Bu futbol duşuşygy diýseň ähmiýetli, çünki utulan tarap dünýä çempionaty bilen hoşlaşmaly.
Üstesine çylşyrymly döwre gabat geldi. Özem käbir eýranlylaryň pikiriçe ýurtlarynda trawmatiki wakalar bolup geçýärkä, toparyň turnire gatnaşmagy nädogrudy.
Mehtapdan bu barada soranymda, jogap yzky stoldan geldi. Adynyň Ariýan Fahridigini aýdýan bir azeri türki gep atdy:
– Meň pikirimçe hökman gatnaşmaly!



- **«Amerikanlary doganym ýaly görýärin»**

Ariýan özüne azeri diýenok, emma azeri diýilse ýokuş görübem duranok. «Meniň aslym türki kowumdan gaýdýar, ýöne özümi doly eýranly hasaplaýan» diýýär.
Emma ol Eýran milli futbol ýygyndysyna janköýerlik edýärmi?
Ine, şuňa gysga jogap bermek kyn…
– Birinji oýunda Angliýanyň ýygyndy toparymyzyň derwezesine alty gol salanyna begendim – diýýän Ariýan sözlerini şeýle dowam etdirýär: – Çünki bular halkymyzyň ýygyndy topary däl, döwletiňki. Eýranda günde 20-30 adam öldürilýärkä, bu futbolçylar ýyrşaryp surata düşýärdiler. Biz olaryň begenmegini islämzok. Olar Katara gitjek bolup durkalar, prezident Reisiniň öňünde iki bükülip durdular. Bu bolsa bize ýaramady. Emma dogup-dörän ýurdumyzy-da janymyz-tenimiz bilen söýýäris. Eýranyň utmagyny göwnümiz isleýär. – Ol sözüni şeýle jemledi: – Amerikanlary doganym ýaly görýärin.
Ýatdan çykarmanka aýdaýyn, kafe iki bolup gelipdik. Men gepläp durkam, azerbaýjanly dostum Rüstem Ismailbeýli hem ýazgy edýärdi.
Ariýany Rüstem bilen tanyşdyrdym. Olar mazaly özara gürrüňe

gyzyganda, men kafeniň has ýagty, ümsüm, ikinji gatyna, maşgala bolup oturylýan ýerine çykdym.



- **Gülriz Şen: «Režim oppozisiýa garşy milli ýygyndy topary ulanýar»**

Oýundan öň meniň bilen telefonda gürleşen eýranşynas alym Gülriz Şen milli ýygyndy topary gowy görýänem bolsa, Eýrandaky düzgüni halamaýan, iki arada galan adamlardan söz açdy. Indem Şeniň «Milli ýygyndy topary gapma-garşylykly duýgulary döredýär» diýen hakykaty bilen ýüzbe-ýüz boldum oturyberdim.
Şeniň pikiriçe Ibrahim Reisi hökümetiniň protest demonstrasiýalary sebäpli sarsgyna düşendigi üçin Dünýä çempionatynyň oýunlaryny dartgynlylygy gowşatmak we milli duýgulary güýçlendirip, halky režimiň tarapyna çekmek maksady bilen ulanmak isleýärdi.
Galyberse-de, režimiň tarapdarlygyny edýänleriň arasynda-da oppozisionerleriňkä meňzeş üýtgeşmeleriň bolup geçýändigini görmek bolýar:
Eýranyň aşa konserwatiw «Keýhan» gazetiniň baş editory Hüseýin Ş.Medaili milli futbolçylaryň Angliýa duşuşygynda bilkastlaýyn gowşak oýnap, sabotaž edendiklerini öňe sürüpdi. Eýran Uelsi 2:0 utanda bolsa, «sözümi yzyna alýan» diýdi. Her kim milli ýygyndy topary üstünden pozisiýasyny belli etmäge, ideologik pozisiýasyny berkitmäge dyrjaşýar.
Şuňa ünsüňizi çekeýin: Bu oýun Katarda – ýerleriniň ýarsy amerikan harby bazalary bolan arap ýurdunda oýnalýar. Emin ispaniýaly. Lotoreýa şereketleri ABŞ-ny fawori görkezýärler.
Kafe dolanyp geleliň. Oýun başlady. Öňinçä «Milli ýygyndy

toparymyza janköýerlik edemok» diýip duranlar indi «Eýran, Eýran!» diýip, el çarpyşýarlar…
Ýöne ABŞ-nyñ oýunçylary güýçli oýun görkezýär. Öñe basyş edýärler, dolanyp gelen topa erk edip bilýärler.
Eýranyñ bolsa heniz ýeke şuty ýok. Amerikanlar asly horwat oýunçysy Pulisiçiñ 38-nji minutda salan goly bilen öñe saýlanýarlar. Eýrana öte defansiw futbolynyñ jerimesini çekdirýärler…
Arakesmede eýranly bir jübüt bilen gürrüñ etdim. Fatoş psihologdan oturan adamlaryñ psihologiýasyny soradym. Ol «bulam-bujar» diýip jogap berdi. Bularyñ bärik futbol görmäge gelmändiklerini aýtdy:
– Futbolçylarymyzyñ Angliýa bilen oýnamagynyñ öñüsyrasynda gimnimizi aýtmandyklaryna begenipdik, emma Uels bilen oýnanlarynda we şu oýunda aýdanlaryna gynandyk.
Elbetde, Eýranyñ Rewolýusion gwardiýasynyñ futbolçylary gorkuzandygyny, «Angliýa bilen oýnanda çykaran nysagyñyzy ABŞ oýnunda gaýtalanan ýagdaýynda maşgalalaryñyza, dogan-garyndaşlaryñyza azar bereris!» diýip haýbat atandyklaryny bilýän bolsa gerek…



**• «Eýranyñ utmagynam islämok!»**
1998-nji ýyldaky dillere dessan bolan futbol duşuşygyny ýada saldym. Eýran ABŞ-ny Ali Daýiniñ we Mehdi Mahdawikiýanyñ gollary bilen 2:1 utanda, men liseýde okap ýördüm.
Men ol oýny konserwatiw (dindar) toparyñ arasynda görüpdim. ABŞ-nyñ iki urgusy derwezäniñ sütünine degip, yzyna gaýdypdy. Göýä «Hudaý musulmanlara kömek edýän» ýalydy.

Türkiýedäki sünni dindarlaryň Eýrany häzirkisinden has köp oňlaýan ýyllarydy.
Fatoşyň aýtmagyna görä, indi Eýranda-da, bärde-de birmahalky şol atmosfera ýok…
Ýusubyň sözleri bolsa eýranly oppozisionerleriň emosional gapma-garşylygyny diýseň gowy açyp görkezýär:
– Eýranyň utmagyny islämok, ýöne utulmagynam islämok. Oýun deňe-deň gutarsyn we Eýran indiki tapgyra çyksyn.
Bilmeýänler üçin bir bellik: Eýrana ýeke utuk ýeterlik, emma ABŞ hökman utmaly.
Oýnuň ikinji ýarymy başlady. Eýran başdakysyndan has gowy oýnady. Soňky 15 minutda ABŞ-ny başagaýlyga saldylar.
Emma hüjümleri soňuna çenli alyp çykyp we netijelendirip, howply pursatlary döredip bilenoklar.
90+8-nji minutda eýranly futbolçy Taremi jerime meýdançasynda amerikan oýunçysy Wikersiň badyna ýere ýykylýar.
Eýranlylar jerime urgusynyň berilmegine garaşýarlar. Kafedäkileriň deň ýarsy aýak üstüne galdy. Käte aýallaryň sesi erkekleriň gohuny basyp ýatyraýjak bolýar.
Eýran +10 minutlyk ekstra wagtyny-da ulanyp bilenok. Ahyry iň soňky jürlewügem çalyndy. ABŞ utdy. 1998-nji ýylyň rewanşyny aldylar…
Angliýa bilen oýnalandan soň Tähranyň köçelerinde iňlis baýdaklary bilen çykyp, Angliýanyň utanyna begenen eýranlylar bolupdy.
Bu oýundan soňam Eýranyň Sekkez we Senendej şäherlerinde salýut atylyp, ABŞ-nyň üstünligi gutlandy.
Nämeleriň bolup geçýändigine düşünmek üçin başga bir eýranşynas Arif Keskin bilen habarlaşdym.



**• Arif Keskin: «Futbolçylar ikitaraply basyş astynda galdy»**

Eýran-ABŞ futbol duşuşygy hakda pikirini aýdan eýranşynas Arif Keskiniñ aýdyşyndan, eýran jemgyýetiniñ aglaba bölegi Yslam respublikasynyñ bolmagyny islänok.

Milli ýygyndy toparyñ üstünligi režimiñ ýeñişi bolmalydy. Emma añlarynda hernäçe şeýle pikir aýlansa-da, göwünleri milli ýygyndy toparlaryna janköýerlik edesleri geler.

Arif Keskin sözlerini şeýle düşündirdi:

– Aslynda ýaryşdan öñ protestçileriñ arasynda şeýle çekişme bardy: «Milli ýygyndy topary goldamalymy, goldamaly dälmi?» Ilkibaşda goldarly göründiler. Haçanda futbolçylar Reisi bilen duşuşdylar we ol duşuşykdan käbir pursatlar köpçüligiñ dykgatyna ýetirildi welin, ýagny, egilişleri, bükülişleri, eýle-beýle… Şol pursatlardan soñ ýygyndy topara agyr tankydy sözler ýagdyrmaga başladylar. Birinji oýunda futbolçylar gimniñ sözlerini gaýtalamandyklaryna örän begendiler, ýöne toparyñ utulanyna-da begendiler. Ikinji oýunda milli ýygyndy utdy welin, režim öz tarapdarlaryny köçä dökdi. Ol ýeñiş reformaçylaryñ arasynda bölünişik döretdi. Käbirleri «oñaýsyz hereketlerimiz zyýanymyza bolup biler» diýen pikirde milli ýygynda janköýerlik edip başlady.

– Eger bu oýunda Eýran ABŞ-ny ýeñen bolsa, hemme zat reformaçylaryñ zyýanyna bolardy. Bu ýagdaý taraplaryñ arasynda mertebe göreşine öwrülipdi – diýen Keskin: – Futbolçylar ikitaraply basyş astynda galsylae we bu ýagdaý olaryñ doly keýpini gaçyrdy. Ahyrynda basyşlaryñ, haýbat atmalaryñ, bütin bu oñaýsyz şertleriñ netijesinde Eýran utuldy… – diýdi.



***Bellik**: Makalany taýýarlamakda eden kömegi üçin Serbest Ferhan Sindä aýratyn minnetdarlygymy bildirýärin.*
Alper BUDKA.

Penşenbe, 01.12.2022 ý. Sport we turizm